# Watan we wepadarlyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Watan we wepadarlyk WATAN WE WEPADARLYK



Gaýry ýurda äkitdiler ebedi,
Garagumda dünýä inen güjügi.
Äleme ýañ salan türkmeniñ iti
Goramaly boldy özge ojagy.

Bakyp-bejerdiler türkmenden zyýat,
Öz ýaşaýan otagyna saldylar.
Türkmen itleriniñ gylygyna ýat
Zatlary añyna guýjak boldylar.

Özge ruhy kabul etmedi añy,
Hemme zada ol biperwaý bakýardy.
Şir sypatly türkmen itiniñ gany
Onuñ gyzgyn damarynda akýardy.

Pişesini taşlap täze eýesi,
Her hili iýmitden öñün doldurdy.
Gelmedi hiç zady onuñ iýesi;
Watanyny küýseýänin bildirdi.

Eziz Watan, şeýle jadylymy sen,
Gör, güjük göwnünde näme besläpdi:
Awundyryp, gulak-guýrugun kesen
Türkmen elniñ ýal bermegin isläpdi.

Şyhymyrat ABDYLLAÝEW. Goşgular